# Bu heňňamdyr…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Bu heňňamdyr… BU HEŇŇAMDYR…

Bu heňňamdyr – nurbatlyja döwrandyr,
Şalar gider, şahyr galar, şir galar.
Ömür diýlen bakylyga rowandyr,
Her kim munda galsyn diýip zar aglar.

Kime derkar – porhan bolan bu bahar,
Damarlary bogun-bogun sökmese!
Däli siller – bir ýigidiň ahmyry,
Bady gaýtmaz, joşgunyny dökmese.

Gülüň gabagynda hal bolup duran,
Damja – ýüzükdäki göwher gaşydyr.
Ahmal bir bendäniň dile gelmedik,
Bagyrdan üzülen gözde ýaşydyr.

Açyş däl-ä, örňäp barýan bu iller,
Şükür, set müňden däl,
milliondan geçýär.
Arman tanyşlarym,
ýyldyz süýnen deý,
Bizi ýalňyz goýup, Panydan göçýär.

Öňi-ardy şatlyk bilen gussa ýar,
Ömürde ilden öň örüp ýörmäp nä?!
Telbe kimin, il ýatyp, it uklanda,
Ölülere aýat ýazyp ýörmäm nä?!

Bir özüň däl biljek bolan bir zady,
Galgap ýören – gurbatlyja göwräňdir.
Şalar gider,
Şahyr galar,
onsoňam,

Bu heññamdyr,
nurbatlyja döwrandyr…

Hojaberdi BAÝRAMOW. Goşgular